# Adamlar we kebelekler (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 19 марта, 2025



*Anri STARFOL*

Giň aşhanadaky dub agajyndan edilen ýaýbaň stoluň üstünde iki sany örülen sebet durdy. Al ýaňakly, sary saçly zenan uzynly gün yhlas hem söýgi bilen taýýarlan naz-nygmatlaryny hödür etmek üçin gök tabaklary emaý bilen sebede ýerleşdirýärdi. Ol ýerde howurpeçden ýaňyja çykarylan kakmaçlardyr gyzylja smorodinalar, saryýaga bişirilen byzmyklar, dilimlenip goýlan armytlar hem-de elin taýýarlanylan ajyja şokolad bardy.

Öý bikesi heniz ýaşdy. Ol pöwrize daşynyň reňkini, iri monjuklardyr nohut gülli matadan tikilen köýnekleri halaýardy. Ýöne ol ähli zatdan beter ömrüniň manysy saýýan tämizje çagajyklaryny söýýärdi. Häzir bolsa uly gyzjagazy Anna onuň ýanynda pessaýja sesi bilen aýdyma hiňlenip, pyrtykal şerbedini çüýşe gaba guýup durdy. Ol edil ejesi ýaly mähirli hem göwnaçykdy, ýöne has näzik hemem arzuwçyldy. Gyzjagaz sungat bilen içgin gyzyklanansoň, şu tomus bar wagtyny açyk

meýdanda, molbertiň öňünde ýa-da kitap okap geçiripdi. Körpe gyzjagazy bolsa hemişekileri ýaly, ýene-de bir pynhanja ýer tapynyp, özüni hiç kimiň tapmazlygyny diläp, bukulyp oturandyr.

Zenan sebetleriniň üstüni ýapyp, un degen alkymyny süpürişdirip durşuna uluja gyzyna ýüzlendi:

– Anna, bar, Ninany tapyp gelsene. Biz bahym ýola düşmeli ahyryn.

– Bolýar, eje – diýip, gyzjagaz aşhanadan çykyp gitdi.

Anna iki gatly jaýyň ähli ýerine üns bilen aýlanyp çykdy, ýöne jigisini hiç ýerden tapyp bilmedi. Köçä çykyp, basgançaklaryň ýanyndaky ösüp oturan otlukda diňşirgenip durka, golaýdaky ammardan bir ses eşidildi. Hakykatdanam, ol ýerde, ammaryň ikinji gatynda Nina ýakymly ysly bedeleriň arasyndan ýşyklap otyrdy. Anna agaçdan edilen merduwan bilen ýokary çykdy-da, onuň ýanynda ornaşdy.

– Meň ol ýere gidesim gelenok – diýip, pessaýja ses eşidildi.

– Näme üçin? Bu gün seniň iň gowy dostuň doglan güni ahyryn. Ol ýerde örän hezillik bolar.

– Men gorkýan. O taýy nätanyş çagalardan doly. Men olar bilen öň oýnabam göremok.

– Siz hökman dostlaşarsyňyz. Sen örän göwnaçyk hem şadyýanja gyzjagaz-a.

– Ýok. Biz dostlaşmarys!

– Nina, hemme zatdan gorkup ýörmek gerek däl. Beýtseň bütin ömrüň deňiňden geçip gider…

– Geçip gitmez. Men bärde ýene birazajyk oturaýyn, köşeşemsoň bararyn. Çynymy aýdýan.

Anna uýajygyny bedeleriň arasyndan emaý bilen çykardy-da,

dyzynyň üstünde oturdyp, alnyndan öpdi. Gyzjagazyň gözlerinden iri-iri damjalar syrygyp gaýtdy. Anna olary elleri bilen süpürip ýylgyrdy-da, jigisine garap şeýle diýdi:

– Diňle, men saňa örän peýdasy degjek bir hekaýany gürrüň bereýin. Ony şu tomus iki sany eýjejik kebelejikden eşitdim.

– Sen bir zady bulaşdyrýan bolaýma. Kebelekler gürläp bilenoklar-a – diýip, Nina nägilelik bilen dodajygyny kemşertdi. Anna gyzjagazy ýuwaşja gyjyklap:

– Heý, sen bu barada ömrüňde bir gezek kebelejiklerden sorap gördüňmi? – diýdi.

– Ýok, sorap görmedim – diýip, gyzjagaz jykyrdady.

– Onda meni ünslüje diňle.

Haçan-da bahar gelip, Günüň mylaýym şöhlesi köne ammaryň üçegini ýyladýarka, onuň gümmezindäki iki sany pileden kebelejikler çykypdyr. Olaryň biriniň mawy ýüpek ýaly, gara reňk bilen keşde çekilen ganatlary bar eken. Beýlekisi bolsa, göýä, garaňky gije ýaly syýa reňkli eken. Bu iki kebelejik açyk penjiräniň öňünde mylaýym şemal ganatlaryny sypaýarka, täze, ajaýyp, emma entek özleri üçin nätanyş bolan dünýäni synlap oturypdyrlar.

Mawy ýüpek ýaly kebelejik owadan ganatlaryny ýaýypdyr-da, ülje agajynyň hoşboý ysly güllerine tarap uçup gidipdir. Garaňky gijä çalymdaş beýleki kebelejik bolsa gorkujygyndan ýaňa, garaňky burçdaky kerepleriň aşagyna dykylypdyr. Açyk penjiräniň aňyrsyndaky dünýä oňa gorkuly hem syrly bolup görnüpdir. Beýleki kebelejik bolsa penjiräniň öňünde iki ýana uçup ýörşüne: «Gel, bu ajaýyp, maýyljak günde bileje uçaly» diýip, ony çagyrypdyr. «Aý, ýok. Gowusy, men bärde galaýyn. Agaçlaryň üstünde äpet, gorkunç biri bar. Ol meni ganatym-zadym bilen lak-luk ataýmasyn» diýip, syýa reňkli kebelejik jogap beripdir.

Mawy kebelejik bolsa jorasyna gamgyn seredipdir-de, gök asmana tarap uçup gidipdir. Ol diňe alys gözýetimde agşam şapagy asman hazynasy ýaly bolup öwşün atyp lowurdanda gaýdyp gelipdir. Ol jorasyna hoşboý ysly gülleriň şiresinden getirip beripdir. Onuň tagamy şeýlebir süýji eken welin, kebelejik ony teşnelik bilen içende, kindiwanja bedeniniň täzeden gurplanýandygyny duýupdyr. Ol jorasyna ýüzlenip: «Bu şiräniň süýjüdigini» diýipdir. Onda mawy kebelejik: «Wah, sen bu şiräni çykarýan gülleri görsediň. Dürli görnüşdäki, dürli reňkli ol güller giň ýaýlalarda, ümsüm sähralarda, dag çeşmeleriniň boýunda, baglaryň çür başyndaky şahalarynda ösýärler. Ertir bile gideli, şonda bar zady öz gözleriň bilen görüp, aýdýanlaryma düşünersiň» diýipdir. Jorasy: «Goýsana, uzaklara uçaly diýme. Birden senden yza galyp, azaşaýsam näme?! Ýa-da ganatlarym diýenimi etmän ýere gaçyp, haşal otlaryň arasynda heläk bolaýsam näme?!» diýip, gitmekden boýun towlapdyr.

Ertesi ýene-de mawy kebelejigiň bir özi gitmeli bolupdyr. Syýa reňkli kebelejik bolsa özüniň garaňky hem howpsuz gaçybatalgasynda galyp, rehimdar dostuna garaşypdyr.

Mawy kebelejik agşamara dolananda ýene-de biraz şire getiripdir. Jorasy bolsa içgysgynç gaçybatalgasyndan çykyp, bu süýji lezzeti – ammarda juda az bolan günebakar şiresiniň damjajygyny açgözlük bilen içipdir. Soňra mawy kebelejik begençden hem durmuşa bolan söýgüden ýaňa joşup, ýene-de öz başdangeçirmeleri barada gürrüň bermäge başlapdyr: «Men bir mähirlije gyzjagaza duşdum. Ol sergin şemalyň terje gök otlardan ajaýyp nagyşlary döreden sonarlygynyň ortarasynda durdy. Gyzjagaz kendiriň ýüzüne ýaňyja bahar lybasyny geýnip, gülläp oturan tebigatyň, tokaýyň suratyny çekipdir. Men onuň dürli boýaglaryň hem çotkalaryň ýanynda ýatan gök başgabyna gondum. Gyzjagazy uzak wagtlap synlap durdum. Birden ol meni görüp ýylgyrdy-da, suratynyň bir gyrasyna meniňem şekilimi çekdi. Indi men elmydama ol gök otlaryň, ter çemenleriň arasynda uçup ýörerin – diýipdir.

— Sen nädip beýle akmaklyga baş goşup bildiň? Ol seni heläk edip bilerdi ahyryn!

— Ýok, ol örän gowuja gyzjagaz. Tanyşsaňyz, ol seniňem suratyňy çeker. Onsoň ol suratda bileje uçarys. Bu gowy dälmi, eýsem?

— Ýok. Men adamlara ynanamok. Olar howply. Şonuň üçinem men bärde galjak.

Üçülenji günem mawy kebelejik ýeke gidipdir. Ol giçlik eli boş, oýa batyp dolanyp gelipdir. Syýa reňkli kebelejik bolsa jorasynyň şunça eglenip gelibem özüni aç goýanyna gaharlanyp: «Sen nädip meni süýjüje şiresiz goýup bildiň?» diýipdir.

— Bagyşla meni. Men şire ýygnap ýetişmedim. Bilýäňmi, meniň indi aşygym bar. Biz tokaýdaky aýna ýaly kölüň boýunda, sary reňkli gülleriň üstünde tanyşdyk. Pyrlanyp tans edenimizde ilkinji gezek kalbymda üýtgeşik bir owaz peýda boldy. Ol meni halas etdi, ýogsam men tas heläk bolupdym. Men ertir öz aşygym bilen ýene-de duşuşmakçy.

— Ana, gördüňmi, men bu dünýä howpdan doly diýmedimmi saňa? Sen bolsa meni diňlemediň.

— Men bu dünýäde ýaşamagyň aňsat däldigine düşünýän. Ýöne onuň gözelligini hemem bize bagyş edýän bagtyny duýmagymyzyň bahasynyň batyrlykdygynam unutmaly däldiris. Gaýtadan ýaşamaly bolaýanda-da, şu günümi ýene-de şolar ýaly geçirerdim. Sebäbi nähili bolanlygynda-da, ol meniň ömrümiň öňki günleri ýaly gaty täsin geçdi…

Mawy kebelejik jorasyna ýene birnäçe gije şire äkelip beripdir. Olar özara söhbet edipdirler hem jedelleşipdirler, ýöne barybir, syýa reňkli kebelek özüniň howpsuz gaçybatalgasyny taşlap gitmek islemändir. Ine, salkyn düşüp ugran günleriň birinde, tomsuň ahyrynda mawy kebelek ammara zordan özüni atypdyr-da, edil jorasynyň öňünde özüni ýere goýberipdir. Syýa reňkli kebelek:

– Ine, gördüňmi, sen özüňi nä günlere saldyň! Sen eýýäm garrap, tapdan düşüpsiň, ganatlaryňam tozup gidipdir – diýip, haýbatly hem dabaraly seslenipdir.

Jorasy bolsa oňa:

– Ýöne senem edil men ýaly garrapsyň-a, jora jan. Men şu ömrüme dünýäniň gözelliginem, howp-hatarlarynam, söýgüsinem duýup ýetişdim. Şol başdangeçirmelerden lezzet alyp, oňa özümi durkum bilen bagyş etdim. A sen birwagtlar dünýä inen ammarymyzyň içgysgynç diwarlaryndan başga gören zadyň ýok – diýip jogap beripdir.

Syýa reňkli kebelek aýnanyň öňüne düşen ýagyş damjasynda öz keşbini görüp, gözüne ýaş aýlapdyr. Ol mawy kebelegiň mamladygyna, gorkudyr şübhä ömrüni ogurladandygyna edil şu pursat göz ýetiripdir.

Şol pursat aşakda bir ýerlerden mylaýym owaz ýaňlanyp gidipdir. Joralaryň gözleri birwagtlar çemenzarlykda kendiriň ýüzüne mawy kebelegiň suratyny çeken gyzjagaza düşüpdir. Çyranyň yşygyna öwşün atýan ganatlaryny kakyp, oňa tarap ýakynlanlarynda, gyzjagaz olaryň sönüp barýan gözelligini görüpdir. Ol mylaýym ýylgyrypdyr-da, dürli galamlar bilen öz ýandepderçesine kebelejikleriň ikisiniňem suratyny çekipdir.

Anna gürrüňini tamamlap, ýene uýajygynyň alnyndan öpdi. Ninanyň gözlerini elek-çelek edip, ýerinden gozganman şol oýa batyp oturyşydy. Gyzjagaz jigisiniň başyny sypalady-da, onuň egnine kakyp, eli bilen ýokaryny görkezdi. Gyzjagaz başyny galdyranda, sallanyp duran iki sany içi boş pilä gözi düşdi. Ol gussalyja ýylgyryp, Annanyň dyzynda oturyşyna ony berk gujaklady-da, derrewem aýak üstüne galdy. Nina ellerini bykynjygyna goýup:

– Biz, näme, garraýançak şu ýerde oturmalymy? Tur indi, biziň işimiz ýetig-ä! Dimkanyň doglan gününe-de gitmel-ä – diýdi-de, merduwan bilen aşak düşüp, gözden gaýyp boldy.

Anna ýaňsyly ýylgyryp, ammaryň çala açylan köne penjiresine ýaplandy. Howry ýatyşan tomus kem-kem ornuny güýze berip barýardy. Durmuş bilen wagt öz akymyna akyp durdy. Adamlardyr kebeleklere bolsa onuň eçilýän ähli zatlaryny bolşy ýaly kabul edäýmek galýardy.

**Iňlis dilinden terjime eden Züleýha ALLABERDIÝEWA,**
**Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby**